# Hudaýa bolan kredit karzyňyzy üzdüňizmi?

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hudaýa bolan kredit karzyňyzy üzdüňizmi? HUDAÝA BOLAN KREDIT KARZYŇYZY ÜZDÜŇIZMI?




Hudaý bize ymgyr köp nazy-nygmat beripdir welin, sanap aňyrsyna çykmak mümkin däl. Öwezine-de dynnym ýaljak zat isläpdir. Gurhan okap öwrenmek we ybadat etmek, namaz okamak, oraza tutmak, hüşür-zekat bermek ýaly ownuk ýumuşlar buýrupdyr. Ownuk ýumuş dìýýärin, çünki durmuşdaky wagt ölçegine seretseňiz-ä, wagtymyzyň ondan bir bölegi-de däl. Namaz okamak günden bäş gezek on minutdan elli minuda çenli, ahmal bir sagat, aý bar iki sagat bolsun, günüň 24 sagadyndan 22 sagadyň galýar. Oraza tutmak üçin 12 aýdan bir aý ýa-da 365 günden 30 gün. Zekady-da kyrkdan birini bermeli. Eger ýok bolsa, olam hökman däl. Başga mysala hajat ýokmuka diýýärin.
Alla bu dünýäde şolar ýaly köp nazy-nygmat berip çäklenipdirmi? Ýok, çäklenmändir, ahyret durmuşynda-da köp danly nygmat berjegini aýdypdyr. Özem nämäniň deregine? Ýokarda sanap geçen, aslynda kyn ýaly bolup görünýän, emma akylly-başly oýlanylanda, kän zadam talap edilmeýän ybadatlaryň deregine.
Ýazgynyňa adynda kredit karzy diýdik, emma biz muny mysal getirmek üçun ulandyk. Eýse, nämüçin ulandyk? Bir öý ýa-da mülk alsaňyz we banka ýa-da döwlete bergiňiz bar bolsa, «ýok

men muny tölejek däl» diýip bilýäñizmi? Hawa, diýip bilýänsiñiz, ýöne muny diñe dilujy diýýänsiñiz, hakykatda welin beýle mümkinçiligiñi ýok, gynansak-da. Şol sebäpli bergiñizi üzmek üçin jan edip işleýänsiñiz. Bu bergini tölemezlik ýaly ýeñilligiñiziñ ýokdugyny bilip dursuñyz. Köpimiz ertirden agşama çenli işleýäris, il deñinde öýümiz, awtoulagymyz bolsun diýip, bir zatlar edinjek bolup.

Häzir siz özüñizi şumatky aýdanym bilen ýokarda aýdanymy biri-biri bilen deñeşdirip görüñ.

Abstrakt zatlar üçin eden işiñiziñ netijesini alýarsyñyz. Emma ortada ýok abstrakt zatlaryñ arasynda bu ýagdaýyñ gürrüñi bolmaly dälmi?

Kredit hökmünde şeýle göz öñüne getiriñ. Jennetde bir köşgüñiz bar, siz onuñ tölegini şu dünýäde ybadat edip geçirýärsiñiz. Ýa-da jennetden köşk satyn almak üçin pul üýşürýän ýaly pikir ediñ. Näçe köp ybadat etseñiz, ahyretiñiz üçin şonça-da köp girdeji gazanandygyñyzy añladýar.

Bärde getirilen mysallar diñe has gowy we giñ düşünmegiñiz üçindir. Başga many çykarjak bolup kelläñizi agyrtmañ.

Ferdi KORKMAZ.